# Osmanly nämüçin hemişe yza galdy?

Category: Kitapcy,Taryhy makalalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Osmanly nämüçin hemişe yza galdy? OSMANLY NÄMÜÇIN HEMIŞE YZA GALDY?




Osmanly döwletinde ilkinji bolup tipografiýany – kitap çap etmek işini ýola goýan asly wenger Ybraýym Müteferrika mundan 291 ýyl öň ýazan "Usul al-Hikem fi Nizam al Ümem" atly kitabynda Osmanly imperiýasynyñ ösüşden yza galmagynyñ sekiz sebäbini şeýle düşündiripdir:
– Kanunlary ýerine ýetirmezlik…
– Hukuksyzlyk, adalatsyzlyk…
– Döwlet işleriniñ iş oñarmaýan geleñsiz adamlaryñ eline geçmegi…
– Alymlaryñ pikirlerine takatsyzlyk…
– Döwrebap tehnologiýadan baş çykaryp bilmezlik we emelsizlik…
– Goşunda düzgün-tertipsizlik…
– Döwletiñ baýlygyny bisarpa tutmak we öz peýdaña ulanmak, parahorluk…

– Daşarky dünýäden bihabarlyk…
Bulary okandan soň yzyňyza bir göz aýlaň-da, häzirki ýagdaýlar bilen deňeşdiriň:
Şu günki gün osmanlylara haýran galýandygyny aýdýan ýolbaşçylar siziň pikiriňizde ýokarky sanalanlaryň haýsysyynda has ozdurdy?



• **Henek: Meýhana haçan açylýar?**
Gije ýarymdan soň dükanyny ýapan meýhanaçy öýüne gidip ýatypdyr. Ýaňy bir irkilip ugranda jaň gelipdir… Aňyrdan içip, lülgammar bolan adamyň gowuşgynsyz bazzyk-buzzyk sesi eşidilipdir:
– Agam, meýhanaňy haçan açýaň?
Meýhanaçy ukusy bozulandygy üçin girre gaharlanypdyr:
– Aý, seň eneňi nemedeýin! Ýaňy ýapdyg-a, agşam geläý!
Meýhanaçy telefony gaharly goýupdyr. Emma az salymdan soň ýene ýaňky ses jaň edipdir:
– Agam, haçan açýaň?
Meýhanaçyň jyny atlanypdyr, ol her dürli hapa-paýyş sögünip telefonyny goýupdyr…
Daň atyp-atmanka horazlar gygyryp başlanda üçünji gezek jaň gelipdir:
– Agamjan, haçan açýaňaý?
– Eşegataly, meýhanany haçan açjagymy eýýämden nämüçin soraýaň?
Telefondan zarynlap diýen ýaly ses eşidilipdir:
– Agam, aýyplaşma, gije içerde galypdyryn-a!..




**• GÜNÜÑ SÖZI**

*Ýöreýän jemgyýet bilen ýöremän bir ýerde duran jemgyýetiñ deñ bolmagy mümkin däl!*

Rahmi TURAN.

«SÖZCÜ» gazeti, 16.11.2022 ý. Taryhy makalalar